**************************Nowruz hakda**************************

**Dr.Hangeldi Ownuk******April-2007*****Kanada-Toronto**

ارسال از: کانادا- تورنتو*********آپریل – 2007********* د. خان گلدی ونق

# NOWRUZ GÜNI/ OGUZ GÜNI




Şu makalanyñ uly bölümi Garaşsyz Türkmenistanyñ köp tiražly heptelik metbugaty “Edebiỳat we sungat” gazỳetiniñ 2005-nji ỳ. ??? sanynda “Nowruz” günini “Oguz güni” baỳramçylygy diỳilip atlandyrylyş teklipi bilen goỳberildi.

Adamzadyñ taryhynda bahar baỳramçylygy hakynda dürli rowaỳatlara gabat gelỳäris. Ol hakda ilkinji ỳazgy maglumatlary “ çüỳ ” görnüşde ỳazuw döreden “Sümer” kowmuna degişli bolup durỳar. Sümerşynaslaryñ pikirine görä, Sümerler Orta Aziỳadan, ỳagny Türküstandan Beỳnul-nähreỳn / haezirki Yrak/ ỳurtlaryna ỳaỳrap, ol ỳerleriñ ilkinji jemgyỳetçilik medeniỳetini döreden, kowum bolupdyrlar.Ylmyñ çaklamasyna görä, sümer medeniỳeti türkmen halkynyñ gadymy medeniỳetine degişli hasap edilỳär. Ölaryñ gepleşik dili türki diller topary bolupdyr. Şonuñ üçin bahar baỳramy däbiniñ ilkinji dörän ỳeri Türküstanda, türki dilli kowumlarynyñ arasynda bolupdyr dimäge takyk esas döreỳär. Sümerler “ manzar” ỳagny planetara medeniỳetiñ esaseynda, belli däpleri ỳöerdipdirler. Olar bu güni “ A-Ki-til” diỳip atlandyrypdyrlar. “Til” sözi sümer dilinde “ỳaşaỳyş”, “täze dogluş” manyny añladypdyr. “Til”-“Dil” sözi “ỳürek” manysynda gelip, ỳaşaỳyş, diriligi añladyş häsiỳetinde klassiki /Magtymguly/ edebiỳatymyzda işledilyär.



Nowruz baỳramçylygy ähli musulman ilatlarynyñ arasynda deñ derejede ahmiỳetli bolup, onuñ gelip çykyşy hakynda aỳdylanda welin, ol türki halklarynyñ arasyndan ỳaỳrandygy barada taryhy-ylmy çeşmeler subutnama berỳär. Taryh we jemgyyetçilik ylymlary nowruzyñ gelip çykyşyny adamzadyñ ilkinji medeniỳetiniñ başlangyçlary bolan Sümerlere degişlidigini nygtaỳar. Sümer medeniỳetiniñ ilaty örän hojalykçy we ekerançylyk bilen meşgul bolandyklary sebäpli, ekiş möwsümleriniñ wagtyny bellemek üçin ỳagny ekiş, yetişdiriş we hasyl alyş wagtlaryny taỳyn etmek bilen gün sanawyny görkeziji kalendaryñ zerurlygy ỳüze çykypdyr. Dünỳäniñ ilkinji dörän “Owur(Ur)” şäheriniñ sümer ilaty özlerine niỳetlän “ Zigorat” ybadathanalarynda astronomiỳa merkezlerini döredipdirler. Olar şol merkezlerde wagt görkeziji “ sagat” döredipdirler. Şol bir wagtyñ özünde gije bilen gündiziñ deñ derejede gelip durỳan senelerini hem tapypdyrlar. Bu astronomiỳa merkezinde ỳedi sany ỳyldyzyñ hereketdedigini açypdyrlar. Şeỳlelik bilen olar ilkinji gezek eỳỳamlary hepdelere bölüp şol ỳedi ỳyldyzyñ ady bilen hepdäniñ ỳedi günini atlandyrypdyrlar. Şol atlandyryş käbir gadymy milletleriñ dilinde henize çenli galypdyr. Mysal üçin:

1. “Sunday” sözi eger-de “sun” sözi asmandaky güne diỳlen bolsa, “day” sözi aỳlanyp duran gün senesini añladyp, birinji gün “ỳekşemme” gününe diỳlipdir.
2. “ Monday” ỳagny “Aỳ gün” ,
3. “Mars” güni
4. “Atarad” güni (Atarad ỳyldyzyñ adyna berilen),
5. “Žopiter” güni,

6. “Zöhre” güni

7. “Saturan” güni.

Ỳyldyz atlary bilen atlandyrylỳan hepde güleriniñ süşmegi, şol ỳyldyzlaryñ öz hakyky düzgüni boỳunça tertiplendirilmändir. Onuñ sebäbi şol bir asyryñ özünde münetjimlik enjamlarynyñ başlangyçdygy hem hasaplaỳyş ylymlarynyñ entäk pes derejede bolandygy bilen düşünip bolỳar.

“Sümerlerde dört sany esasy hudaỳ bolupdyr. Olar:

1. Asman hudaỳy ỳa-da Gök tañry ( Ata hudaỳ),

2. Ỳer tañry ( Ene hudaỳ),

3. Howa tañry ( Ol ỳokarky iki Tañrynyñ perzentleri ) diỳlip hasaplanypdyr.

4. Teriñ deñizleriñ hem golastyndaky suwlaryñ Tañrysy ,” [1]

Şeỳle ynamlar bilen her hepdäniñ adyny şolaryñ biriniñ ady bilen atlandyrypdyrlar. Şol dört Tañrynyñ ady bilen atlandyrylan dört hepde bir aỳy döredipdir.

Şeỳlelikde olar ỳyl möwsümlerini hem dörde bölüp, dört pasyly häsiỳetlendiripdirler.

“Sümerler nowruz güni baỳramçylyk edip, şol gün patyşa “ Tomus (Tomz)” lakamy bilen döreỳişiñ ülñüsi hökmünde orta çykypdyr. Ol “ In nana” Ya-da “ söỳgi” ybadathanasyndaky dindar gyzy bilen nikäleşipdir.”[2] Şeỳle ynamlaryñ añyrsynda toprak bilen zenan maşgalalarynyñ öndüriji gurbynyñ güỳçlenmegini niỳet edipdirler.

---

1. Älvah-e Sowmeri, fäsl-e 12, säfhe=ỳe 158

۱. الواح سومری، فصل ۱۲، صفحه ۱۵۸

2. Älvah-e Sowmeri, fäsl-e 23, säfhe-ỳe 265

۲. الواح سومری، فصل ۲۳، صفحه ۲۶۵.

Mehr-u-mähäpbet hem adalat we dogryçylyk perişdesi täze ỳylyñ ilkinji güninden jemgyỳetiñ ỳagşy-ỳaman pygyllarynyñ hasaplaryna ỳetişiklik edipdirler. Şeỳle hasap-hesip düzgünlerini geçirilende perişdäniñ äri bienäçe şaỳatlary bilen ol ỳerde güwä geçipdirler.

Oba-uluslaryñ ỳaşuly ỳaşaỳjylary her täze ỳylda dürli sowgatlary bilen şähere gelipdirler. Şeỳle proseslerñ esasynda Sümerleriñ üsti bilen Orta Aziỳadan Beỳnul-nähreỳn ülkelerine çenli ỳaỳradylan nowruz baỳramy, soñlarda Akeddilere we olaryñ üsti blen Babil we Aşury ilatlarynyñ döwrüne çenli rowaç tapyp bellenilipdir.

Sümerlerden alynyp gaỳdylan medeniỳet, soñlarda Huzistan we Pars ülkelerinde-de ỳashaỳan Ilami ilatlaryna-da täsir galdyrypdyr. Ilamileriñ 2 sany uly toỳ- baỳramçylygy bolupdyr.

1. Nowruz baỳramy bilen gabatlaşdyrylyp bellaenilỳän “Arpa baỳramy”.

Bu baỳramçylyk adat boỳunça türkmenleriñ gadymdan bellenilip gaỳdylan “ Hasyl toỳ” ỳa-da “ Bugdaỳ toỳ” bilen däpdeş bolup durỳar. Hsyl berỳän ösümliklere niỳetlenilip tutulỳan toỳ-baỳramçylyklar türkmenlerde hemişe bellenilipdir. Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistanda “ Gawun baỳramy” we “ Hasyl baỳramy” ỳurt öz garaşsyzlygyna eỳe bolany bäri ỳokary galdyrylyp dabara biln bellenilỳär. Bu däp-dessurlaryñ köki halkymyzyñ gadymy taryhyna degişli bolup durỳar. Bu däpler häzirki döwürlere çenli türkmenlerde saklanyp galypdyr.

2. “ Üzüm” ỳa-da “ Şerap” baỳramçylygy “ Mehrigan” baỳramy bilen aralaşypdyr.

Bu baỳramçylyklaryñ ikisinde-de gije bilen gündiziñ deñleşỳän wagtyna gabatlaşdyrylypdyr. 1733—1796-njy ỳyllarda ỳaşap geçen Şahyr Isfihanynyñ musammet-muhammes ölçeginde düzen goşgysynda bu gün hakda şeỳle setirleri beỳan edỳär:

"نوروز فراز آمد با اختر پیروز،
با اختر پیروز فراز آمد نوروز،
گشتند برفتار یک اندازه شب و روز،
شد مهر به بیت الاشرف ای ماه شب افروز،
وقت است که گیری ره بوستان و گلستان."[۳]

Transkripsiỳasy:

Nousuz färaz amäd ba ähtär-e-piruz,
Ba ähtär-e-piruz färaz amäd nouruz,
Gäştänd beräftar ỳek ändaze şäb-o-ruz,
Şod mehr be beỳteläşraf eỳ mah-e şäb äfruz,
Wägt äst ke giri rähe bustan-o-golestan.

Terjimesi:

Nowruz geldi hemrasy ỳeñiş ỳyladyz,
Ýeñiş ỳyldyz bilen geldi ol nowruz,
Adatça deñeşdiler, gije we gündiz,
Belent käbäñ üstünde gün, eỳ eziz,
Gitmek wagty boldy bu gülistana.

Umuman Sümerleriñ täsir sferasyndan medeniỳetleşen şol bir eỳỳamyñ özünde gülläp ösen görnükli Ilam medeniỳeti adamzadyñ taryhynda uly orna eỳe bolupdyr. …

---

[3]. Färivär H., “ Taryh-e ädäbiỳat-e Iran wä taryh-e şo,era ”, enteşarat-e “ Ämir-Käbir”, Tehran – 1958 m.M.Z., 1924
۳۹. فریور حسین، " تاریخ ادبیات ایران و تاریخ شعراء"، انتشارات " امیر کبیر "، تهران – ۱۹۵۸/م. م. ز. ۱۹۲۴.

Seljukly türkmen nesilşalygynyñ patyşasy soltan Mälikşanyñ döwrüne çenli Eỳranda nowruz baỳramçylygynyñ gün tertibi belli bir senä düşmändir. Baỳramçylygyñ bellenỳän senesi her ỳylda çalyşyp ỳerb-eỳer bolup hatta sasanileriñ soñky patyşasynyñ adatça nowruz baỳramy bilen gabatlaşdyrylyp täç geỳinỳän senesi, Iỳun aỳynyñ 16-syna düşüpdir. Türkmen patyşasy Jelaletdin Mälikşa Seljuklynyñ döwründe, “ Jelali” atly kalendary düzedilmek üçin 8 alymdan ybarat “Alymlar Geñeşi” topar seçilipdir. Olaryñ arasynda belli şahsyỳet Omar Hayỳam iñ ỳaş alymy bolupdyr. Ferwerdin aỳynyñ 18-nji gününe gabatlaşỳan nowruz baỳramçylygynyñ ỳyl dolanşygy boỳunça gün tetibi, bu ylmy geñeşde orta alynyp maslahatlaşylỳar. Olar ỳyl aỳlanşygynyñ matematika sanawynyñ takyk hasabyny çykarỳarlar. Şeỳdibem senenamada nowruz gününiñ belli senesiniñ süşmezligi üçin hasabat çykaryp takyklaşdyrypdyrlar. Şol çykarylan karardan beỳläk nowruz senesi her ỳylda belli bir güne düşipdir.

Türkmen patyşasy soltan Mälikşanyñ döwründe “ žiç Jelali” ady bilen başlanan senenamanyñ ylmy öwreniş işileri soñlarda mongol hanlary Helaku han, Gazan han döwürlerinde dowam edip, onuñ iñ kämil görnüşi Ulug beỳk ady bilen görkezilen “ Ulug beỳik ziç senenamasy” diỳlip müdimelik galỳar. Umuman “Jelali: senenamasy her 350 ỳyldan bir gün yza süỳşỳär.Mesihi hiristiỳanlylaryñ “ Grigori ” senenamasy her 225 ỳylda bir gün yza süỳşỳär. Yagny “Jelali” senenamasy bilen deñeşdireñde onda nuksanlyk göze görünỳär. Emma “ Ulug beỳik” senenamasy bolsa her 3000 ỳyldan bir gün yza süỳşỳär. Yagny iñ kämil görnüşi şol Ulug beỳigiñ adyna çykan senenama bolup durỳar. …

Ỳer şarynyn uly böleginde ỳaşaỳan türki dili kowumlarda bahar baỳramçylygy has ähmiỳetli we dürli görnüşde “öguz güni”, “Ergene gün”, “Çagan”, “Ulusyñ uly güni” /ilin uly güni/, “Bozkurt”, “Jyl assiruw” /ỳyl aşyrma/, “ilk ỳaz”, “Ỳañy gün” /täze gün/ we “Nowruz” ỳaly atlar bilen bellidir.

Bu baỳramçylyk hakda bize gelip ỳeten taryhy çeşmelerde dürli maglumatlar berilyar. Mysal üçin, Hytay çeşmelerinde şeỳle yazgylara duş gelỳäris: “Biziñ eỳỳamymyzdan ỳüz müñ ỳyllyklarda Nowruz aỳynyn 21-nji güni gün /hun/ turkmenleri daglaryn eteklerine çykyp, bahar baỳramçylygyny baỳram edipdirler. Bu däp-dessurlar soñabaka uỳgurlarda dowam etdirilip, ol şu günlere çenli türki dilli ilatyn arasynda saklanyp galypdyr”.

VIII asyrda hytaỳly alym Tesi-ma-çyỳan “Şi-çi” atly kitabynyñ “Hun tezkeresi” bölüminde şeỳle maglumatlary beỳan edipdir: “Täze ỳyl hasaplanỳan ñowruz aỳynda hun türkmenleriniñ ähli ỳaşululary “Çan-un” atly meỳdana ỳygnanyşyp, öz däp-dessurlary boỳunça şagalañ edip, dürli gutluk haỳyr-dogalaryny berjaỳ edipdirler.”Şeỳle hem Alp Arslan aỳynda, ỳagny, hunlaryn başinji aỳynda “Lung-çeng” atly ỳerde ỳygnanyşyp, gök tañra, suwa we topraga, hormatlap gurbanlyk çalypdyrlar, dabaraly däp-dessurlary ỳerine ỳetiripdirler”.

XI asyrda belli alym Mahmyt Kaşgarly “Diwan-e Lugat et-tork” atly meşgur eserinde şeỳle belläpdir: “Türki kowumlar “täze ỳyl” sözüniñ deregine “ỳeni gün”, ỳagny, “täze gün” söz jümlesini ulanypdyrlar. “Nowruz” sözi türkmenlerin edebiyatynda Alyşir Nowaỳynyñ eserinde hem gabat gelỳär.

XI asyrda belli alym Al Biruny “Nowruz täze ỳylyn başlangyjy” diỳip ỳatlaỳar. Onuñ aỳtmagyna görä, Täze ỳyl dabarasy türkmenleriñ we Orta hem ỳakyn Aziya kowumlarynyñ arasynda örän ỳörgünli bolupdyr. Ỳene-de Orta asyryñ belli alymy hem-de görnükli döwlet işgäri Nyzamulmülk öz meşhur “Syỳasatnama” eserinde Täze ỳyl dabarasynyñ türki halklaryñ arasynda ỳörgünlidigini belläp geçỳär.



Şolaryn arasynda Oguz güni hakdaky rowaỳata ünsüñizi çekesimiz gelỳär. Türkmenleriñ taryhy rowaỳatlarynda, Oguz han Türkmeniñ garşydaşlaryny ỳeñen güni täze gün hökmünde ykrar edipdirler.

Oguz han Türkmen hakyndaky rowaỳatda hem-de “Jame ettawaryh” kitabynyñ 29-njy sahypasynda şeỳle rowaỳata gabat gelinỳär:

“Türkmenler Nuh pygamberiñ ogly “Ỳafesiniñ neslinden gelip çykỳar.” Olar Gündogara tarap geçỳärler. Şonuñ üçin olary “abulje” diỳip

atlandyrypdyrlar. Olar “Ortak” we “Kürtak” ỳurtlary ỳaỳlag hökmünde saỳlap, Kursak, Kakỳan, Garagum, Talas we Garasyrym ỳaly ỳurtlarda bolsa, gyşlak hökmünde otyrypdyrlar”. Abulje handan Dipbakun atly bir perzent dünỳä inỳär. “Dip”-tagt manysynda, we “bakun” –“Kowumyñ beỳgi” manyda gelỳändir. Ondan dört perzent dünỳä inỳär. Şolaryñ biri Garahan bolup, ondan bir perzend dünỳä inip, onuñ adyna Oguz dakypdyrlar.

Oguz han dünỳä gelende, baglar gül açyp, daragtlar we ösümlükler al-ỳaşyl öwsüp, tebigat janlanyp, ỳaşyl begrese bürenỳär. Dünỳä ỳüzüne gudratly şowhun ỳaỳraỳar.

Ençeme ỳyllardan soñ edil şol möwsümde Oguz han Türkmen duşmanlaryny ỳeñip, Talas şäherinden Buhara şäherine çenli aralygy eỳeleỳär. Şondan soñ şol ỳeñişiñ hormatyna, her ỳyl şol güni dabaraly baỳram edilip we ỳörite däp-dessurlar ỳerine ỳetirilip, oña “Oguz güni” diỳip at berỳärler…

Türkmenler Yslam dinini Kabul edenlerinden beỳläk musulmançylykda ulanylỳan kalendary türkmenleşdirip peỳdalanypdyrlar. Ol kalendar Muhammet Pygamberin Mekge şäherinden Medine şäherine göçen gününden, ỳagny, hijret eden gününden başlanỳar. Şonun üçin ol kalendara “Hijri” ỳyl hasaby diỳlipdir. Hijri ỳyl hasabyny bir bada aỳ şarynyñ ỳeriñ daşyna doly aỳlanmagy bilen oña “ hijri kamary” ỳyl hasby diylip, emma ỳer şarynyñ güniñ daşyna doly aỳlanmagy bilen oña “ hijri şemsi” ỳyl hasaby diỳlip kesgitlendirilipdir.

Kamary ỳyl hasaby bolsa, her ỳyl 10 gün şemsi ỳyl hasabyndan kem gelỳär. Şonuñ üçin kamary ỳyly her 30 şemsi ỳylyndan bir ỳyl öñge süşỳär.

Nowruz güni bolsa, şemsi ỳyl boỳunça onuñ ilkinji aỳynyñ birinji güni bilen täze ỳylyñ başyna dogry gelipdir.

Elbetde, Nowruzyñ Täze ỳyla gabat gelişi hasabynyñ Oguz eỳỳamyndan başlanandygyna takyk esaslar bar. Ol kesgitleme hasaplar aỳyñ we ỳylyñ atlary Oguz türkmenleriniñ dilinden Ahamenitleriñ ( Hähamänäşileriñ) döwründe Günorta Eỳrana ỳagny fars ülkelere çenli ỳaỳrap hasaba girizilipdir.

Oguz hanyñ döwründen bäri türkmen halkynyñ nesilme-nesil alnyp gaỳdylan ỳyl sanawy hem bolupdyr. Bu has gadymy döwürlerden başlanan ỳyl sanawynda aỳlaryñ we hepdäniñ günleriniñ atlandyrylşyna çenli türkmen dilinde bellenilipdir.

Bahar baỳramy barada ỳene-de “Ilki ỳaz baỳramy” ỳa-da “ Bukukagan” we “ Ỳañadan dogulyş” rowaỳatyna uỳgur çeşmelerinde gabat gelse bolỳar. Bu rowaỳatda aỳdylyşyna görä, Orhun derỳasynyñ Toia we Selenka atly iki sany şahamçasynyñ guỳỳan ỳerine “ Kam-laçuw” diỳlipdir. Bu iki derỳanyñ aralygynda gurap galan iki sany uly daragtyñ arasynda dörän deräniñ içinden bag köklerinden eklenip oturan bäş çaganyñ dünỳä gelişi hakda gürrüñ gidỳär. Ol çagalara “ Sonkurtekin”, “ Goturtekin”, “ Tüktekin”, “ Urtekin” we “ Bukutekin” diỳlip at goỳupdyrlar.

Altaỳ türkmenleriniñ döwründen bize gelip ỳeten “ Aỳ-zit” baỳramy häzirki döwürde ỳoỳlan görnüşinde “ Aỳterek-günterek, bizden size kim gerek…” oỳnuna meñzeş bolupdyr. Bu baỳram Bahar paslynyñ başlanan güni bellenilipdir. Bu baỳramçylygyñ dabarasyny, däp-dessurlary boỳunça ak geỳnen şamanlar alyp barypdyrlar. Şamanlar adamlaryñ arasyndan 7 sany ỳaş oglan bilen 7 sany ỳaş gyzy saỳlap, iki tarapynda hatarlap duruzypdyr.Onsoñ

olary özi bilen “ Aỳ-zit” buthanasyna alyp baryp, şol ỳerde olara toỳ-tomaşa gurapdyrlar.

Umuman “Nowruz baỳramçylygy bahar paslynyñ birinji güni we Täze ỳyl hökmünde X asyrdan bäri Seljukly türkmenleriniñ arasynda giñden bellenilip gaỳdypdyr.

Bu baỳramçylyk Garaşsyz Türkmenistanda, Özbegistanda, Täjigistanda, Owganystanda, Eỳranda, Häzirbeỳjanda we beỳleki birnäçe ỳurtlarda has dabaraly alynyp barylỳar. Goỳ, täze ỳyl her bir öỳe şatlyk we rysgal getirsin.

**Dr. Hangeldi OWNUK- Toronto**



* Nowruz aỳynyñ al-elwan öwsen pursatlary.